# Halkyň içinden

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Halkyň içinden

HALKYÑ IÇINDEN

Türkmençilikde il içinde aýdylan gürrüňlerden çöplenip alynan gürrüňleri toplap, mirasymyzy ýitmez derejesinde saklaýan adamlarymyz, ýaşulylarymyz bar. Şolaryň biri hem Gökdepede Tilki obasynda (gadym ady. kolhoz ady Maksim Gorkiý, öňki ady) dogulyp ömrüni lukmançylyk bilen ile hyzmat edip geçiren Oraz Annanepesow hajy agadyr. Şonuň ýazgylaryndan adamyň oniki süňňi (süňki) we oniki synasy hakyndaky ýazgylaryny edebiýat we miras muşdaklaryna ýetirmekligi müwessa bildik. Bu aýtgylar kä birýerlerde başgaçarak aýdylyş usuly hem bar bolmagy mümkin bolup biler.

■ Adamyň 12 süňňi (süňki).

1. Kelle. 2. Ýaýjyk (bukaw süňki). 3. Kükrek (döş). 4. Çigin (pilçe). 5. Bilek. 6. Penje. 7. Oňurga. 8. Guýmaç (çatalba). 9. Gapyrga. 10. But. 11. Injik. 12. Daban.

■ Adamyň 12 synasy.

1. Göz. 2. Gaş. 3. El. 4. Aýak. 5. Burun. 6. Kelle. 7. Boýun. 8. Gulak. 9. Göwre. 10. Agyz dişi bilen. 11. Dil. 12. Ýüz. (ýokardan aşak tertip bilen ýazylgy däl eken.)

■ 12 syna hakynda.

1. Başymyzda täji döwlet.
2. Maňlaýymyzda seždeýi tilawet.
3. Gözümizde çeşmi çyrag.
4. Ýüzümizde nur rahmet.
5. Dilimizde kelemeýi şahadet.
6. Burnumyzda boý muhabbet.

7. Gulagymyzda azan kamat.
8. Gerdenimizde Perişdeler güwähi ber hak.
9. Golumyzda haýry sahawat.
10. Bilimizde kemer hümmet.
11. Dyzymyzda edep hormat.
12. Aýagymyzda ýol şerigat.

Halk döredijiligi we rowaýatlar